# Balkana

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Balkana BALKANA / (bölek)

Baryn diýsem, Gara Balkan iliniñ,
Boz bulak-akarly suwlary bardyr.
Ýaz wagtynda çyksañ düzlük çöllerne,
Atlar ýaryşdyrma meýdany bardyr.

Bahar wagty iller geler gezmäge,
Gyz-oglan garyşyp, nagma düzmäge,
»Awçy soýuz» çykar jeren urmaga,
Mergenler bukmaga jaýlary bardyr.

Uly gyryñ, Kiçi gyryñ düzleri,
Ýaza döner pasyllaryñ güýzleri,
Tebigatyñ iñ söwümli ýerleri,
Kaspa äksin* salan daglary bardyr.

Daglygynda hemme dagdan saýlanan,
Degresinde işçi güýji ýygnanan,
Her bir günde müñläp tonna nebit uran
Nebitdag adynda daglary bardyr.

Eýesi batrakdyr sowhoza geçen,
Gyzyl kerwen bolup hem ýükler çeken,
Gaýlan naw dek sepjäp, köpükler seçen
Bugra, iner, maýa mallary bardyr.

Durna geçer ýazy-güýzi üstünden,
Awçylary çykar onuñ kastyndan,
Gaz-ördegi garkyldaşýar mestinden,
Garkyldap ýüzmäge kölleri bardyr.

Akyl haýran bolýar şoña barañda,
Ýaz günleri geçip, tomus gelende,
Süññüñ agrap hem bedeniñ ysmanda,

Düşmäge duz-magdan suwlary bardyr.

Gün şöhlesi idirdäp, dagdan inensoñ,
Aý yşygy ýarmaşyp, ýerin alansoñ,
Çopan naý tüýdügni bulap çalansoñ,
Suratyn çekmeli çaglary bardyr.

1933.

Ahmet AHUNDOW GÜRGENLI.

□□□□□□
*Äkis – surat, şekil. Goşgular